## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1393** **B. A. Gündogdyýewi harby atda peseltmek hakynda**

«Harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň 46-njy maddasyna laýyklykda, **karar edýärin:**

Öz tabynlygyndaky harby düzümleriň işine gözegçiligi gowşadandygy we netijede Abadan şäheriniň golaýyndaky ok-däri ammarynda partlamanyň döremegine ýol berlendigi üçin, **Begenç Ataýewiç Gündogdyýewiň** general-maýor harby adyny polkownik harby adyna çenli peseltmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 10-y.*
*№ PP-5814*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1394** **Agaýew M. K. hakynda**

«Harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň 49-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, **karar edýärin:**

**Agaýew Merdan Kakageldiýewiçi,** işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin, Türkmenistanyň Goranmak ministriniň orunbasary – Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Baş ýaraglanyş müdirliginiň başlygy wezipesinden boşadyp, ony harby adyndan, döwlet sylaglaryndan, Türkmenistanyň kanunçylygynda harby gullukçylar üçin bellenilen maddy we beýleki ýeňilliklerden mahrum etmeli hem-de harby gullukdan boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 10-y.*
*№ PP-5815*



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1395** **Y. Gurbanowa «Türkmenistanyň at gazanan saglygy goraýyş işgäri» diýen hormatly ady dakmak hakynda**

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde saglygy goraýyş ulgamynyň ösdürilmegine mynasyp goşant goşandygy, ilatymyzyň saglygyny goramakda bitiren uly hyzmatlary, ýokary hünär ussatlygy hem-de köp ýyllaryň dowamynda çeken ak ýürekli, halal zähmeti üçin, Ahal welaýatynyň Ruhabat etrap hassahanasynyň Herrikgala Oba saglyk merkeziniň maşgala lukmany **Ylýas Gurbanowa** «Türkmenistanyň at gazanan saglygy goraýyş işgäri» diýen hormatly ady dakmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 18-i.*
*№ PP-5816*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1396** **G. Atajanowa «Türkmenistanyň at gazanan saglygy goraýyş işgäri» diýen hormatly ady dakmak hakynda**

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde saglygy goraýyş ulgamynyň ösdürilmegine mynasyp goşant goşandygy, ilatymyzyň saglygyny goramakda bitiren uly hyzmatlary, ýokary hünär ussatlygy hem-de köp ýyllaryň dowamynda çeken ak ýürekli, halal zähmeti üçin, Mary welaýat inçekesel hassahanasynyň rentgenolog lukmany **Gurbanmuhammet Atajanowa** «Türkmenistanyň at gazanan saglygy goraýyş işgäri» diýen hormatly ady dakmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 18-i.*
*№ PP-5817*